THE ASHGABAT TIMES

# Türkmenistanyň Mejlisinde ABŞ-nyň Halkara ösüş agentliginiň (USAID) Merkezi Aziýa sebiti boýunça direktorynyň orunbasary Monik Mosolf bilen «tegelek stol» duşuşygy.

2024-nji ýylyň 18-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Mejlisinde ABŞ-nyň Halkara ösüş agentliginiň (USAID) Merkezi Aziýa sebiti boýunça direktorynyň orunbasary Monik Mosolf bilen geçirilen «tegelek stol» duşuşygynda «Ýerli öz-özüňi dolandyryş hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna berlen syn ara alnyp maslahatlaşyldy.

Duşuşygyň barşynda ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň netijeli hereket etmegi üçin öz-özüňi dolandyryşyň hukuk, çäk, guramaçylyk, maliýe we ykdysady esaslarynyň bolmagynyň zerurdygy bellenilip geçildi.

Şeýle hem duşuşygyň dowamynda Türkmenistanyň esasy kanun çykaryjy häkimiýetini amala aşyrýan edaranyň işiniň sanlylaşdyrylmagyna işjeň goldaw bermek, kanun çykaryjylyk işinde tejribe alyşmak, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň işini kämilleşdirmek bilen bagly meseleler babatda bilelikdäki tagallalary birleşdirmek boýunça pikir alşyldy.

Все права защищены